TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– Türkmenistan geljegi uly bolan «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşiniň çäklerinde köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmäge gyzyklanma bildirýär we ony ösdürmäge öz goşandyny goşmaga taýýardyr.

NESIL

IL-HALKYŇ BIR IŞ TUTSA, SEN ONDAN GALYJY BOLMA!

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

№44 (5027), 2025-nji ÝYLYŇ 3-nji IÝUNY, SIŞENBE



Türkmenistan oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasaty yzygiderli durmuşa geçirip, sebit we ählumumy derejede köpugurly hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi ugrunda çykyş edýär. Şunda Merkezi Aziýa döwletleri, şol sanda Gazagystan bilen däp bolan gatnaşyklar nusgalyk häsiýete eýedir. Şundan ugur alyp, 30-njy maýda «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşindäki sammite gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasynda iş saparynda bolmagynyň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Prezident Kasym-Žomart Tokaýew bilen duşuşdy.

# TÜRKMENISTAN – GAZAGYSTAN:
## goňşuçylyk ýörelgeleri berkidilýär

Gazagystan Türkmenistanyň wagtyň synagyndan geçen möhüm hyzmatdaşydyr. Iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklar uzak möhletleýinlik, özara bähbitlilik ýörelgelerine laýyklykda ýola goýulýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurtlarymyzyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlyk ähli ugurlar boýunça depginli, gyşarnyksyz we anyk maksada gönükdirilip dowam etdirilýär. Ony ösdürmekde hem-de giňeltmekde türkmen we gazak halklarynyň dostluk, hoşniýetli goňşuçylyk, birek-birege hormat goýmak däpleriniň çuňňur taryhy köklerine daýanylýar. Häzirki döwürdäki halkara syýasatyň esasy meseleleri boýunça iki döwletiň garaýyşlarynyň ýakynlygyna, hyzmatdaşlygyň berk hukuk binýadyna, iki ýurduň hem kuwwatly ykdysady mümkinçiliklerine esaslanylýar.

Şoňa görä-de, dostlukly ýurduň Baştutany Gazagystan Respublikasynyň Türkmenistan bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryna we köpugurly hyzmatdaşlyga möhüm ähmiýet berýändigini hem-de ýurtlarymyzyň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygyň häzirki ýokary derejesini nygtady. Söhbetdeşler sebit we ählumumy gün tertibiniň möhüm meseleleri, hususanda, parahatçylygy we durnuklylygy pugtalandyrmak, durnukly energetikany we ulag ulgamyny üpjün etmek, suw serişdelerini peýdalanmak, daşky gurşawy goramak we howanyň üýtgemegi ýaly meselelerde iki döwletiň garaýyşlarynyň gabat gelýändigini kanagatlanma bilen bellediler.

Döwlet Baştutanymyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmegi bilen baglylykda, Türkmenistanda goňşy ýurtlaryň gatnaşmagynda birnäçe iri çäreleriň geçiriljekdigini aýtdy. Nygtalyşy ýaly, şu ýylyň 12-nji dekabrynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna hem-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna bagyşlanyp geçiriljek halkara forum olaryň iň esasysy bolar. Şunuň bilen baglylykda, foruma gatnaşmaga çakylygy kabul edendigi üçin Prezident Kasym-Žomart Tokaýewe minnetdarlyk bildirildi.

Şeýle hem hormatly Prezidentimiz dostlukly ýurduň Prezidentini «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda geçiriljek BMG-niň deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça üçünji maslahatyna gatnaşmak üçin Türkmenistana çagyrdy. Bellenilişi ýaly, ýurtlarymyzyň iri halkara guramalaryň, ilkinji nobatda, Birleşen Milletler Guramasynyň çäklerinde birek-biregi goldamagy asylly däbe öwrüldi. Şu jähetden, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň halkara başlangyçlaryny yzygiderli goldaýandygy üçin Gazagystan tarapyna minnetdarlyk bildirdi.

Ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň özara gyzyklanma bildirilýän meseleleri boýunça pikir alyşmagyň dowamynda söwda, energetika, ulag we kommunikasiýa ulgamlary hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda bellenildi. Söhbetdeşler özara haryt dolanyşygynyň netijeli häsiýetini belläp, söwda ulgamyndaky gatnaşyklary ösdürmek üçin iki ýurduň hem uly mümkinçilikleriniň bardygyny nygtadylar.

Hormatly Prezidentimiz: «Türkmenistanyň we Gazagystanyň halklarynyň gatnaşyklarynyň taryhy ýüzýyllyklara uzaýar. Hakyky doganlyk hyzmatdaşlygy kemala geldi. Iki döwleti we halky diňe bir geografik taýdan ýerleşiş däl, eýsem, taryhy ykballarynyň aýrylmazlygy, biri-birine zerurdygy baradaky düşünjeler hem birleşdirýär. Biz bu umumy gymmatlyklaryň gadyryny bilýäris, ata-babalarymyzdan miras galan, ýokary ahlak kadalary baradaky garaýyşlarymyzyň esasyny düzýän däplere aýawly garaýarys hem-de olary hormatlaýarys» diýip belleýär. Şu jähetden, medeni-ynsanperwer ulgamdaky hyzmatdaşlyk döwletara gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegi bolup çykyş edýär. Iki ýurtda festiwallaryň we Medeniýet günleriniň geçirilmegi, döredijilik we ylmy işgärleriň yzygiderli gatnaşyklary medeniýetleri özara baýlaşdyrmaga ýardam berýär. Bularyň ählisi türkmen-gazak hyzmatdaşlygyny mundan beýläk-de pugtalandyrmaga täze itergi berip, ikitaraplaýyn goňşuçylyk gatnaşygynyň netijeli häsiýetini üpjün edýär.

NESIL

# TÜRKMENISTAN – ITALIÝA:
## dostluk, ynanyşmak, işjeňlik

***Ýurdumyz gyzyklanma bildirýän daşary ýurtly hyzmatdaşlar, şol sanda ýewropaly hyzmatdaşlar bilen deňhukukly gatnaşyklar üçin hemişe açykdyr. Şoňa görä-de, 30-njy maýda «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşindäki sammite gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasynda iş saparynda bolmagynyň çäklerinde döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedowyň Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri Jorja Meloni bilen duşuşmagy iki ýurduň hyzmatdaşlygyň kuwwatyndan netijeli peýdalanmaga, ony has-da pugtalandyrmagyň ugurlaryny işläp taýýarlamaga çalyşýandygynyň nobatdaky subutnamasy boldy.***

Hormatly Prezidentimiz Italiýa tarapyndan öňe sürlen «Merkezi Aziýa — Italiýa» formatynyň ýurtlarymyzyň arasynda berk özara gatnaşyklary ýola goýmagyň netijeli usuly hökmünde möhüm ähmiýetini belläp, Türkmenistanyň onuň üstünlikli ösdürilmegine goşant goşmaga taýýardygyny tassyklady. Premýer-ministr Jorja Meloni iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň yzygiderli we uzak möhletleýin esasda ösdürilýändigini kanagatlanma bilen belledi.

Nygtalyşy ýaly, ýurtlarymyz halkara giňişlikde, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropa Bileleşigi, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly halkara düzümleriň çäklerinde üstünlikli hyzmatdaşlyk edýärler. Şu jähetden, döwlet Baştutanymyz şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, halkara düzümleriň ýolbaşçylarynyň gatnaşmagynda geçiriljek halkara forumyň ýurdumyzyň Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli meýilleşdirilýän çäreleriň esasylarynyň biri boljakdygyny aýtdy we Premýer-ministr Jorja Melonini bu foruma gatnaşmaga çagyrdy.

Duşuşykda bellenilişi ýaly, iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk nebitgaz pudagynda, ulag, dokma senagaty ulgamlarynda we işewür düzümleriň ugry boýunça yzygiderli ösdürilýär. Özara haryt dolanyşygynyň ýylsaýyn artmagy munuň aýdyň güwäsidir. Hormatly Prezidentimiz energetika we himiýa senagaty, demir ýol üpjünçilik ulgamlarynda, ekologiýa, oba we suw hojalygy ugurlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy hem-de şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň italýan tarapynyň tekliplerine garamaga taýýardygyny belledi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ulgamlaşdyrmak maksady bilen, hökümetara topary ýa-da işewürlik geňeşi görnüşinde bilelikdäki mehanizmi döretmegi teklip etdi. Premýer-ministr Jorja Meloni hormatly Prezidentimiziň tekliplerini goldap, Italiýanyň bu ugurdaky hyzmatdaşlyga taýýardygyny beýan etdi.

Ýeri gelende bellesek, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklaryň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Ýurdumyzyň ýokary okuw we orta mekdeplerinde italýan diliniň öwredilmegi, köp ýyllaryň dowamynda arheologiýa babatda özara hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi munuň aýdyň mysallarydyr. Söhbetdeşligiň barşynda dostlukly ýurduň Premýer-ministri döwlet Baştutanymyzy özi üçin islendik amatly wagtda Italiýa sapar bilen gelmäge çagyrdy. Munuň özi türkmen-italýan gatnaşyklaryna kuwwatly itergi berilýändiginden, täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýandygyndan habar berýär.

NESIL



# 2025-nji ÝYL: HALKARA PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK ÝYLY



## Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň «Merkezi Aziýa — Italiýa» birinji sammitindäki ÇYKYŞY

*(Astana şäheri, 2025-nji ýylyň 30-njy maýy)*

***Hormatly Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri hanym Jorja Meloni!***
***Hormatly Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlary!***
***Wekiliýetleriň agzalary!***
***Hanymlar we jenaplar!***

Ilki bilen, Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti hormatly Kasym-Žomart Kemelewiç Tokaýewe şu foruma çagyrandygy, myhmansöýerligi we işlemäge döredilen şertler üçin minnetdarlyk bildirýärin.

Şeýle hem Italiýa Respublikasynyň Ministrler Geňeşiniň Başlygy hormatly hanym Jorja Melonä «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşdäki birinji sammiti geçirmek baradaky başlangyjy üçin minnetdarlyk bildirýärin.

Şu duşuşygyň Merkezi Aziýa döwletleriniň we Italiýanyň arasyndaky özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da pugtalandyrmaga uly goşant goşjakdygyna ynanýaryn. Türkmenistan geljegi uly bolan bu görnüşiň çäklerinde köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmäge gyzyklanma bildirýär we ony ösdürmäge öz goşandyny goşmaga taýýardyr.

Häzirki döwürde Merkezi Aziýa döwletleri sebitiň durnukly we depginli ösüşini üpjün etmek üçin şertleri döretmek maksady bilen, öz aralarynda işjeň hyzmatdaşlyk edýärler. Astanada 2024-nji ýylyň sentýabr aýynda geçen Merkezi Aziýa döwletleriniň Baştutanlarynyň altynjy konsultatiw duşuşygynyň jemleri boýunça gol çekilen Bilelikdäki Beýannama we «Merkezi Aziýa — 2040» atly sebit kooperasiýasynyň Konsepsiýasy oňa şaýatlyk edýär. Olar uzak möhletli döwür üçin Merkezi Aziýa hyzmatdaşlygynyň esasy ugurlaryny kesgitleýär. Sebit hyzmatdaşlygynyň häzirki döwürdäki has möhüm ugurlarynyň hatarynda syýasat we howpsuzlyk, ykdysadyýet, ulag, howa, suw serişdeleri ulgamyndaky özara hyzmatdaşlygy bellemek bolar.

Howpsuzlyk barada aýdylanda, Türkmenistanyň bu möhüm ugra onuň bitewüligi we bölünmez häsiýeti nukdaýnazaryndan seredýändigini bellemek isleýärin. Bu häzirki döwürde halkara gatnaşyklaryň dünýä gurluşynda düýpli öňe gitmeleriň şaýady bolýan döwrümizde aýratyn möhümdir. Şunuň bilen baglylykda, biz durnukly howpsuzlygy üpjün etmegiň ýeke-täk hemmetaraplaýyn usulynyň Birleşen Milletler Guramasy ulgamy bolup durýandygyna ynanýarys. Şu garaýyşdan ugur alyp, Türkmenistan 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek baradaky teklip bilen çykyş etdi. Mümkinçilikden peýdalanyp, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2024-nji ýylyň mart aýyndaky Kararnamasy bilen makullanan bu başlangyjy goldanlaryň ählisine minnetdarlyk bildirýärin.

Şunuň bilen bir wagtda, Türkmenistan Bitaraplygyň mümkinçiliklerini ulanmaga aýratyn üns bermegi möhüm hasaplaýar. Bitaraplyk öňüni alyş diplomatiýasynyň düzüm böleklerini we işjeň parahatçylyk döredijilik işini öz içine alýar. Şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna bagyşlanyp, halkara forum geçiriler. Bu forumda dünýä gurluşy, Ýer ýüzüniň döwletleri bilen syýasy dialogyň medeniýetini ösdürmek, ynanyşmak gatnaşyklaryny berkitmek babatda esasy meselelere serediler. Mümkinçilikden peýdalanyp, sammite gatnaşýan döwlet we hökümet Baştutanlarynyň ählisini bu foruma gatnaşmaga çagyrýaryn.

Sebit howpsuzlygy barada aýdylanda, Owganystandaky ýagdaýa aýratyn üns bermek zerurdyr. Türkmenistan Owganystanyň häzirki häkimiýetleri bilen halkara dialogy ýola goýmak boýunça netijeli işleri geçirmegi dowam etmegi möhüm hasap edýär. Biz durnukly we ykdysady taýdan ösýän Owganystanyň bütin halkara bileleşigiň bähbitlerine laýyk gelýändigine ynanýarys. Şunuň bilen baglylykda, biziň ýurdumyz Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisi, Türkmenistan — Owganystan — Pakistan ugry boýunça ýokary woltly elektrik geçiriji ulgamy, owgan ugry boýunça demir ýollaryň gurluşygy ýaly iri sebit taslamalaryny durmuşa geçirmek üçin mundan beýläk-de zerur tagallalary eder. Şeýle hem owgan halkyna ynsanperwer kömegi bermek boýunça tagallalary işjeňleşdirmegi zerur hasaplaýarys.

Şu görnüşiň çäklerinde ykdysady hyzmatdaşlyk barada hem bellemek isleýärin. Bu ugurda özara hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň hatarynda däp bolan pudaklar — energetika, ulag, senagat, maliýe we hususy pudaklar, şeýle hem sanly ulgam, «ýaşyl» tehnologiýalar we emeli aň ýaly täze ugurlar bar.

Şu ýerde energetika meselesini aýratyn bellemek isleýärin. Türkmenistan tebigy gazyň ägirt uly gorlaryna eýe bolmak bilen, ony halkara bazarlara ibermegiň ugurlaryny diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek syýasatyny durmuşa geçirýär. Şunuň bilen baglylykda, biz türkmen gazyny Ýewropa ugruna çykarmaga gönükdirilen taslamalara möhüm ähmiýet berýäris.

Bilelikdäki işiň ýene-de bir geljegi uly bolan ugry hem wodorod energetikasy bolup durýar. Mälim bolşy ýaly, tebigy gaz ýakyn onýyllyklarda wodorody almagyň esasy çeşmesi bolup galar. Biz bu ugurda italiýaly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga taýýardyrys.

Ulag özara baglanyşygy barada aýdylanda bolsa, dünýä ulag ugurlaryny özgertmegiň häzirki tapgyrynda biziň Aziýa — Ýewropa ugry boýunça hyzmatdaşlygyň täze görnüşlerine gatnaşmaga gyzyklanma bildirýändigimizi bellemek isleýärin. Şunuň bilen baglylykda, Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hazar sebitiniň üstünden geçýän «Orta geçelge» Ýewropa taslamasy geljegi uly taslamalaryň biridir.

Hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlarynyň biri-de ekologiýa we howa bolup durýar. Bar bolan senagat kuwwatlyklarynyň energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak, sebitde suwdan rejeli peýdalanmak, «ýaşyl» we serişde tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmak «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşinde hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryna öwrülip biler. Şunuň bilen baglylykda, Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Howa tehnologiýalarynyň sebit merkezini döretmek boýunça başlangyjymyzy bellemek isleýärin.

Hyzmatdaşlygymyzyň medeni-taryhy ugruny aýratyn bellemek zerurdyr. Italiýanyň Merkezi Aziýa bilen köpugurly hyzmatdaşlygynyň tejribesi iki müň ýyldan gowrak wagta uzalyp gidýär. Gadymy Rim bilen Parfiýa şalygynyň arasyndaky gatnaşyklar hem taryhda uly yz galdyrdy. Parfiýanyň paýtagtlarynyň biri häzirki Türkmenistanyň paýtagtynyň golaýynda ýerleşen Nusaý şäheri bolupdyr. Şeýle hem XIII asyrda Merkezi Aziýa gelen we hakykatda biziň sebitimizi beýleki Ýewropa ýurtlary üçin açan wenesiýaly Marko Polonyň işleri uly taryhy gymmatlyga eýedir. Beýik Ýüpek ýolunyň gülläp ösen döwrüni aýratyn bellemek zerurdyr. Hytaý Sianyndan gaýdyp, Rime we Wenesiýa çenli baran bu ýol Merkezi Aziýanyň çäginden geçipdir. Biziň halklarymyzyň şeýle özboluşly taryhy mirasy aýawly saklanmaga we doly öwrenilmäge degişlidir.

Biz Türkmenistanda eýýäm otuz ýyldan gowrak wagt bäri italiýaly arheologlaryň netijeli işleýändiklerini uly kanagatlanma bilen belleýäris. Olar ikitaraplaýyn ylmy özara hyzmatdaşlyk işine möhüm goşant goşýarlar. Şunuň bilen baglylykda, biz Rimde «Medeniýetleriň gülläp ösüşi: bürünç zamanyndaky Margiana we Parfiýa şalygy. Türkmenistandaky arheologik açyşlar» atly arheologik sergini guramagy maksat edinýäris. Bu serginiň halklarymyzyň mundan beýläk-de ýakynlaşmagyna örän uly goşant goşjakdygyna ynanýarys.

Bilim ulgamy hyzmatdaşlygyň ýene-de bir geljegi uly bolan ugrudyr. Şunuň bilen baglylykda, ýokary okuw mekdepleriniň arasyndaky we akademiki hyzmatdaşlygy goldaýarys. Türkmenistanda italýan dilini öwrenmäge, italýan medeniýetine we sungatyna uly gyzyklanma bildirilýär. Biz bu işe mundan beýläk-de ýardam ederis.

Sözümiň ahyrynda Türkmenistanyň Italiýa Respublikasy bilen hemmetaraplaýyn özara hyzmatdaşlygy ikitaraplaýyn derejede hem, «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşiniň çäklerinde hem mundan beýläk-de berkitmäge we giňeltmäge eýerýändigini ýene-de bir gezek tassyklamak isleýärin.

ÝAŞ ŽURNALISTIŇ SÖZI

# DURNUKLY ÖSÜŞIŇ BÄHBIDINE HYZMATDAŞLYK: giň mümkinçilikler, täze gözýetimler

### Döwlet Baştutanymyz Gazagystan Respublikasyna iş saparyny amala aşyryp, «Merkezi Aziýa — Italiýa» birinji sammitine gatnaşdy

*Demirgazykda Altaý, Saýan daglaryndan başlap, günortada Gimalaý daglaryna çenli aralykda ýerleşen ägirt uly giňişlik «Merkezi Aziýa» diýlip atlandyrylýar. Ummalara ýaýlyp ýatan mawy alyslyklar taryhyň bütin dowamynda Ýewropanyň we Aziýanyň medeniýetini, harytlaryny, pikirlerini ýakynlaşdyrýan çatryk bolupdy, olary birleşdiripdi, şeýdip, gülläp ösüpdi. Üçünji müňýyllykda-da bu gülläp ösüş üçin sebitde uly mümkinçilikler bolup, olary ýokary derejede herekete getirmek üçin özara ylalaşygy, milli bähbitleriň deň tutulmagyny gazanmak, parahatçylygy, ynanyşmagy we howpsuzlygy üpjün etmek zerurdyr. Şu jähetden, Türkmenistan «Merkezi Aziýa», «Merkezi Aziýa+» görnüşindäki dialoglara işjeň gatnaşyp, netijeli hyzmatdaşlygy ilerletmegiň möhüm açary hökmünde türkmen Bitaraplygynyň ýörelgelerini öňe sürýär. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 30-njy maýynda Gazagystan Respublikasynyň Astana şäherinde geçirilen «Merkezi Aziýa — Italiýa» birinji sammiti muny bütin aýdyňlygy bilen tassyklap, umumy abadançylygyň bähbidine gönükdirilen hyzmatdaşlygyň iň täze taryhyna ýene bir möhüm sahypany ýazdy.*

Döwletleriň arasyndaky köpugurly hyzmatdaşlygyň gözbaşynda taraplaryň milli ykdysady bähbitleri durýar. Şeýle hyzmatdaşlygy kadalaşdyrmakda ygtybarly gural hökmünde syýasata, medeniýete, sungata, taryhy tejribä uly orun degişli. Merkezi Aziýa ýurtlarynyň halklary asyrlaryň dowamynda hoşniýetli goňşuçylykda ýaşamak bilen, sebit döwletlerini umumy taryh we medeni bitewülik has-da ysnyşdyrýar. Bu ýakynlyk sebitiň ykdysady integrasiýasynyň kemala gelmegine oňyn täsirini ýetirýär. Ykdysady ylymda kesgitlenilişine görä, integrasiýa özara gatnaşyklary ösdürmegi bökdeýän päsgelçilikleri aradan aýyrmak maksady bilen sebit ýurtlarynyň ykdysady taýdan goşulyşmasydyr. Tebigy serişdeleriň baý gorlaryna, depginli ösýän ykdysadyýete eýe bolan we geografiýa taýdan amatly ýerleşen Merkezi Aziýanyň 5 ýurdunyň arasynda ýola goýlan we yzygiderli ösdürilýän syýasy-diplomatik, söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlyk, bu ýurtlaryň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşyklary muňa anyk delillerdir. Şeýle hem soňky ýyllarda «Merkezi Aziýa+» görnüşindäki hyzmatdaşlygyň gerimi giňeldilip, onuň çäklerinde Ýewropa ýurtlary, şol sanda Italiýa Respublikasy bilen gatnaşyklara möhüm üns berilýär.

Ýewropanyň günortasynda ýerleşýän, çäginiň agramly bölegini Apennin ýarymadasy eýeleýän, Sisiliýa, Sardiniýa ýaly irili-ownukly ençeme adalary özüne birleşdirýän Italiýa gadymy siwilizasiýa merkezleriniň biridir. Ykdysadyýetiň köp ugurlarynda ýokary ösüşi arkaly tanalýan bu ýurt bilen Merkezi Aziýa döwletleriniň arasynda «ýaşyl» ykdysadyýet, gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri, durnukly ösüş we sanlylaşdyrmak ýaly ençeme ugurlar boýunça gatnaşyklaryň täze gözýetimlerini açmak üçin uly mümkinçilikler bar.

Türkmen-italýan hyzmatdaşlygy barada aýdylanda, ilkinji nobatda, ýurtlarymyzyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklaryň 1992-nji ýylda ýola goýlandygyny bellemek gerek. Häzirki güne çenli resminamalaryň 37-si ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň hukuk binýadyny düzýär. Italiýanyň ýurdumyzyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasynyň kabul eden Kararnamalarynyň 8-siniň awtordaşlarynyň biri bolmagy iki döwletiň syýasy-diplomatik ulgamda netijeli hyzmatdaşlyk edýändigini görkezýär. Söwda-ykdysady ulgam, işewür düzümleriň ugry boýunça özara gatnaşyklar netijeli häsiýete eýe bolup, geçen döwrüň içinde Italiýanyň birnäçe iri kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyk ýola goýuldy. Şeýle-de ýurtlarymyz medeni-ynsanperwer ulgamda netijeli gatnaşyklary dowam etdirýärler.

Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň başlyklyk etmeginde hem-de döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedowyň, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparowyň, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmonyň, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň, Italiýa Respublikasynyň Premýer-ministri Jorja Meloniniň gatnaşmagynda «Merkezi Aziýa — Italiýa» birinji sammiti sebitiň ýurtlary bilen Italiýanyň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlygy we halkara dialogy ösdürmekde möhüm tapgyr boldy. Bu sammitde hormatly Prezidentimiziň çuňňur mazmunly çykyş etmegi ýurdumyzyň durnukly ösüşiň we abadançylygyň bähbidine köptaraply halkara hyzmatdaşlyga ygrarlydygyny ýene bir ýola subut etdi.

Döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, «Türkmenistan geljegi uly bolan bu görnüşiň çäklerinde köpugurly hyzmatdaşlygy giňeltmäge gyzyklanma bildirýär we ony ösdürmäge öz goşandyny goşmaga taýýardyr». Şunuň bilen baglylykda, sebit gatnaşyklarynyň häzirki döwürdäki has möhüm ugurlarynyň hatarynda syýasat we howpsuzlyk, ykdysadyýet, ulag, howa, suw serişdeleri ulgamyndaky özara hyzmatdaşlyk görkezildi. Hususan-da, hormatly Prezidentimiz durnukly howpsuzlygy üpjün etmegiň ýeke-täk hemmetaraplaýyn usulynyň Birleşen Milletler Guramasy ulgamy bolup durýandygyny nygtady. Şeýle hem bu babatda Türkmenistanyň Bitaraplygyň mümkinçiliklerini ulanmaga aýratyn üns bermegi möhüm hasaplaýandygy, onuň öňüni alyş diplomatiýasynyň düzüm böleklerini we işjeň parahatçylyk döredijilik işini öz içine alýandygy aýdyldy. Şunuň bilen baglylykda, sammitiň işine gatnaşan döwlet we hökümet Baştutanlarynyň ählisi Türkmenistanyň Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna bagyşlanyp, şu ýylyň 12-nji dekabrynda Aşgabatda geçiriljek halkara foruma gatnaşmaga çagyryldy.

Sebit howpsuzlygy meselesiniň üstünde-de durup geçip, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň goňşy Owganystanyň häzirki häkimiýetleri bilen halkara dialogy ýola goýmak boýunça netijeli işleri geçirmegi dowam etmegi, owgan halkyna ynsanperwer kömegi bermek boýunça tagallalary işjeňleşdirmegi möhüm hasap edýändigini belledi. Çünki hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, «Biz durnukly we ykdysady taýdan ösýän Owganystanyň bütin halkara bileleşigiň bähbitlerine laýyk gelýändigine ynanýarys».

Ýurtlaryň okgunly ösüşi ykdysady gatnaşyklaryň ýokary derejesi bilen kesgitlenilýär. Şoňa görä-de, döwlet Baştutanymyz «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşli ykdysady hyzmatdaşlygyň däp bolan energetika, ulag, senagat, maliýe we hususy pudaklaryny, şeýle hem sanly ulgam, «ýaşyl» tehnologiýalar we emeli aň ýaly täze ugurlary öz içine alýandygyny bellemek bilen, bilelikdäki işiň geljekki ugurlarynyň üstünde durup geçdi, anyk teklipleri hödürledi:

— Energetika meselesi barada aýdylanda, ýurdumyz türkmen gazyny Ýewropa ugruna çykarmaga gönükdirilen taslamalara möhüm ähmiýet berýär.

— Tebigy gaz ýakyn onýyllyklarda wodorody almagyň esasy çeşmesi bolup galar. Şu jähetden, Türkmenistan wodorod energetikasy babatda italiýaly hyzmatdaşlar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga taýýardyr.

— Ulag hyzmatdaşlygy babatda aýdylanda, ýurdumyz Aziýa — Ýewropa ugry boýunça gatnaşyklaryň täze görnüşlerine gatnaşmaga gyzyklanma bildirýär. Şunda «Orta geçelge» Ýewropa taslamasy geljegi uly taslamalaryň biri bolup, ol Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Hazar sebitiniň üstünden geçýär.

— Ekologiýa we howa hyzmatdaşlygy barada aýdylanda, bar bolan senagat kuwwatlyklarynyň energiýa netijeliligini ýokarlandyrmak, sebitde suwdan rejeli peýdalanmak, «ýaşyl» we serişde tygşytlaýjy tehnologiýalary ornaşdyrmak «Merkezi Aziýa — Italiýa» görnüşinde hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlaryna öwrülip biler. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň howandarlygynda Howa tehnologiýalarynyň sebit merkezini döretmek boýunça başlangyjy aýratyn nygtady.

Mundan başga-da, döwlet Baştutanymyz taryhy çykyşynyň barşynda medeni-ynsanperwer gatnaşyklaryň netijeli hyzmatdaşlygyň möhüm ugruny düzýändigine ünsi çekdi. Şoňa görä-de, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň Rimde «Medeniýetleriň gülläp ösüşi: bürünç zamanyndaky Margiana we Parfiýa şalygy. Türkmenistandaky arheologik açyşlar» atly arheologik sergini guramagy maksat edinýändigini belläp, bu serginiň halklarymyzyň mundan beýläk-de ýakynlaşmagyna örän uly goşant goşjakdygyny aýtdy.

Bilim, medeniýet, sungat adamzadyň uly ruhy hazynasy bolup, paýlaşyldygyça, olaryň gymmaty artýar, halklaryň dostlugy pugtalanýar. Şu jähetden, döwlet Baştutanymyz bilim ulgamyny hem hyzmatdaşlygyň geljegi uly ugurlarynyň hatarynda görkezdi. Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň arasyndaky we akademiki hyzmatdaşlygy goldaýandygy, ýurdumyzda italýan dilini öwrenmäge, italýan medeniýetine we sungatyna uly gyzyklanma bildirilýändigi, bu işe mundan beýläk-de ýardam ediljekdigi bellenildi.

Ýokary guramaçylyk derejesinde geçen forumyň jemleri boýunça Bilelikdäki Jarnama kabul edildi. Munuň özi häzirki wagtda Merkezi Aziýa sebitiniň ýurtlarynyň hoşniýetli goňşuçylyk we ählumumy ösüş ýörelgelerine berk ygrarly bolmak bilen, halkara gatnaşyklaryň möhüm agzasy hökmünde öz ornuny yzygiderli pugtalandyrýandygyny görkezýär.

Ýeri gelende bellesek, hormatly Prezidentimiziň Gazagystan Respublikasyna iş saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen Ortaýer deňzini we Gündogary öwreniş halkara assosiasiýasynyň (Italiýa) arasynda arheologiýa barlaglary babatynda hyzmatdaşlyk etmek hakynda Ylalaşygy; şeýle hem Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen Turiniň Aziýa we Ýakyn Gündogar ýurtlarynda gazuw-agtaryş işleri we arheologiýa barlaglary boýunça merkeziniň (Italiýa) arasynda arheologik barlaglar babatynda hyzmatdaşlygy dowam etdirmek hakynda Ylalaşygy özara alyşmak dabarasy boldy.

Umuman, döwlet Baştutanymyzyň «Merkezi Aziýa — Italiýa» birinji sammitine gatnaşyp, netijeli hyzmatdaşlygy giňeltmek babatda Türkmenistanyň garaýyşlaryny, anyk teklipleri beýan etmegi, durnukly howpsuzlygy üpjün etmekde türkmen Bitaraplygyny ulanmagyň möhümdigini nygtamagy ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilige, hoşniýetli goňşuçylyga, deňhukuklylyga esaslanýan daşary syýasy strategiýasynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň nobatdaky nyşany boldy. Şeýle hem ol durnukly ösüşiň bähbidine gönükdirilen köpugurly hyzmatdaşlygyň giň mümkinçiliklerini işjeň ilerletmekde, gatnaşyklaryň täze gözýetimlerini açmakda diýseň gymmatlydyr.

**Kakajan ÇARYÝAROW,**
**«Nesil».**

# TÜRKMENIŇ DÖWLETLI ÝOLY AK GELJEGE DOWAM BOLSUN!



## ARKADAG ŞÄHERI — türkmen gudratynyň aýdyň nyşany

*Häzirki döwürde ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjyndan we yzygiderli tagallasyndan binýat bolan Arkadag şäheriniň durmuşynda taryhy ähmiýeti bolan beýik işler amala aşyrylýar. Häzirki zaman şähergurluşyk maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilmegi ösüşleriň belentliklerine tarap ynamly gadam urýan ýurdumyzyň her bir gününiň taryhy ähmiýeti bolan wakalara beslenmegini şertlendirýär. Şu jähetden, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň türkmen gudratynyň aýdyň nyşany hökmünde ykrar edilen we häzirki zaman binagärlik tejribesiniň nusgasyna öwrülen Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyrmagy aýratyn ähmiýete eýe boldy.*

**Türkmen gudratynyň aýdyň nyşany hökmünde ykrar edilen we häzirki zaman binagärlik tejribesiniň nusgasyna öwrülen Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda meýilleşdirilen işler batly depginler bilen dowam etdirilýär. Şu jähetden, Gahryman Arkadagymyzyň täze şähere iş saparyny amala aşyryp, bu ýerde alnyp barylýan işler bilen ýakyndan tanyşmagy, degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirmegi ýurdumyzda adam hakdaky aladanyň baş orunda durýandygyny tassyklaýar.**

### Gymmatly maslahatlar — iň gowy tejribe

Gahryman Arkadagymyz bu ýerde alnyp barylýan gurluşyk işleri, aýratyn-da, Arkadag şäheriniň metjidiniň gurluşygynda ulanylýan serişdeleri synlap, bu ugurda öňde durýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi ugrunda degişli düzümleriň sazlaşykly işiniň üpjün edilmegi babatda birnäçe görkezmeleri berdi. Şeýle hem hormatly Arkadagymyz «Ahalteke atlary» şaýolunyň ugrunda oturdylmagy meýilleşdirilýän şekiller, duralgalar, olaryň görnüşleri hem-de ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary bilen içgin tanşyp, bu babatda özüniň gymmatly maslahatlaryny berdi.

### «Bir belent ykbal sen illere, bedew!»

«Ahalteke atlary» şaýolunyň gurluşygy, onuň ýanýodalarynyň aýratynlyklary barada aýdyp, Milli Liderimiz ýol ýakasynda oturdyljak bedewleriň şekilleriniň döwrebaplygyna zerur üns berilmelidigini belledi. Nygtalyşy ýaly, şunda halkymyzyň buýsanjyna öwrülen şöhratly ahalteke bedewleriniň heýkelleriniň binýadynyň gelşikli bolmagyna zerur üns berilmelidir.

### Döwrebap ýollar: ýokary hil, amatlylyk

Halk Maslahatynyň Başlygy «Ahalteke atlary» şaýolunyň ýakasy bilen çekiljek welosiped ýodasynyň we bedewler üçin niýetlenen ýodanyň talabalaýyk hem-de häzirki zaman görkezijilerine laýyk gelmeginiň wajypdygyny aýtdy. Şunda atly gezelenç üçin niýetlenen ýoda düşeljek çägäniň arassalygyna, hiline zerur üns berilmelidir. Şol bir wagtyň özünde, şaýoluň ugrunda bedewler üçin dynç alyş bassyrmalarynyň we welosipedçilere niýetlenen duralgalaryň amatlylyk derejesine möhüm ähmiýet berilmelidigini belläp, Gahryman Arkadagymyz bu işleriň ýokary derejede amala aşyrylmagyna örän jogapkärçilikli çemeleşmegi tabşyrdy.

### Iş maslahaty geçirildi

Soňra hormatly Arkadagymyz Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygynyň we Arkadag şäheriniň häkiminiň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi. Onuň dowamynda Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina edilýän desgalarda alnyp barylýan işleriň häzirki ýagdaýyna we gurluşyk işleriniň depginlerini ýokarlandyrmak boýunça işleriň derejesine garaldy. Degişli ýolbaşçylaryň hasabatlaryny diňläp, Milli Liderimiz täze şäheriň çäklerinde ýerine ýetirilýän gurluşyk işleriniň depginini ýokarlandyrmak meselesine, aýratyn-da, gurluşyk işlerinde ulanylýan serişdeleriň berkligine, uzak möhletleýinligine we bezeg babatda häzirki zaman talaplaryna laýyk gelmegine zerur üns bermegi tabşyrdy. Şunda binalaryň ýokary hilli we bellenen möhletlerde ulanmaga tabşyrylmagy möhüm talap hökmünde kesgitlenendir.

### Baş maksat — raýatlarymyzyň bagtyýarlygy

Iş maslahatynyň dowamynda Halk Maslahatynyň Başlygy Arkadag şäheriniň döwrebap ýaşaýyş jaýlaryna ilaty göçürip getirmek meselelerine örän jogapkärçilikli çemeleşilmelidigini belläp, bu babatda degişli ýolbaşça birnäçe görkezmeleri berdi. Şeýle hem şanly seneleriň hormatyna guralýan dabaralarda Arkadag şäheriniň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösüşiniň, şäher ilatynyň bagtyýar durmuşynyň we abadançylygynyň öz beýanyny tapmalydygy bellenildi.

### Tertip-düzgünlilik — asudalygyň girewi

Nygtalyşy ýaly, baýramçylyk günlerinde şäheriň çäklerinde degişli tertip-düzgüniň üpjün edilmegi möhüm talap hökmünde kesgitlenendir. Şunda Arkadag şäher häkimliginiň hem-de täze şäheriň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň bilelikdäki tagallalary ýola goýulmalydyr. Munuň özi kesgitlenen wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginde aýratyn ähmiýetlidir.

* * *

Şeýlelikde, Milli Liderimiziň Arkadag şäherine nobatdaky iş saparyny amala aşyryp, gurluşyk işleriniň barşy bilen ýakyndan tanyşmagy we degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirmegi sebitde deňi-taýy bolmadyk täze şäheriň okgunly ösüşiniň üpjün edilmegi ugrunda döwlet derejesinde uly tagalla edilýändiginiň aýdyň nyşanydyr.

NESIL

# «MÄHRIBAN ÇAGALARYMYZYŇ ŞADYÝAN GÜLKÜLERI BIZIŇ IŇ ULY BAGTYMYZDYR»

## PAÝTAGTYMYZDA TÄZE ÇAGALAR WE ÝETGINJEKLER MERKEZINIŇ DÜÝBI TUTULDY

*Çaganyň şahsyýetiniň kemala gelmegi daşky gurşawyndan öwrenen zatlaryna baglydyr. Şu jähetden, ýurdumyzda çagalaryň kämil ösüşini üpjün etjek gurşawyň döredilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. 1-nji iýunda paýtagtymyzda «Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň düýbüni tutmak dabarasynyň bolmagy, bu möhüm wakanyň Çagalary goramagyň halkara güni bilen gabat gelmegi ýaş nesil baradaky aladanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenendiginiň aýdyň güwäsi boldy. Çünki döwlet Baştutanymyzyň nygtaýşy ýaly, «Mähriban çagalarymyzyň şadyýan gülküleri biziň iň uly bagtymyzdyr».*



Ýurdumyzda çagalaryň kämil ösüşini üpjün etjek gurşawyň döredilmegine aýratyn ähmiýet berilýär. Boş wagtlarynda sport ýa-da döredijilik bilen meşgullanýan çagalaryň ruhy kämillige ýetmäge mümkinçiligi artýar. Ýaşlaryň ruhy hem beden taýdan kämil bolmagy bolsa Watanymyzyň geljekki ösüşleriniň binýadydyr. Munuň özi ýurdumyzy belent sepgitlere ýetirmek üçin çagalaryň ösüş ýolunda ähli şertleriň göz öňünde tutulmagy, olaryň boş wagtlaryny peýdaly we medeniýetli geçirmekleri bilen berk baglanyşyklydyr.

Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyz paýtagtymyza amala aşyran iş saparynyň çäklerinde «Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň binalarynyň şekil taslamalary bilen tanyşdy hem-de Bazar Amanow adyndaky Döwlet çagalar kitaphanasynyň täze binasynyň bu merkeziň çäginde gurulmagynyň maksadalaýyk boljakdygyny aýtdy. Şoňa görä-de, täze merkeziň düýbüni tutmak dabarasyna ýurdumyzyň ýolbaşçy düzümi, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, hormatly ýaşulular gatnaşdylar. Medeniýet we sungat ussatlarynyň, çagalar tans toparlarynyň ýerine ýetiren çykyşlary dabara baýramçylyk öwüşginini çaýdy.

Çykyşlarda nygtalyşy ýaly, ýakynda «Arkadag» futbol topary Aziýanyň Futbol konfederasiýasynyň Çagyryş ligasynyň çempiony bolmagy başardy. Abraýly halkara ýaryşda gazanylan pul baýragy toparyň agzalarynyň haýyş etmegi bilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyna geçirildi. Hormatly Arkadagymyzyň haýyr-sahawat gaznasyna geçirilen bu serişdäni Bazar Amanow adyndaky Döwlet çagalar kitaphanasynyň täze binasynyň gurluşygyna gönükdirmek barada karara gelmegi, şeýle hem gaznanyň serişdeleriniň hasabyna kitaphanada teleskop arkaly asman giňişligini synlamaga niýetlenen obserwatoriýa otagynyň gurnaljakdygy we kitaphananyň döwrebap sanly tehnologiýalardyr enjamlar bilen üpjün ediljekdigi ýaş nesillerimiz barada edilýän atalyk aladalaryň aýdyň nyşanydyr. Täze obserwatoriýa çagalar üçin astronomiýanyň we älem giňişliginiň gyzykly hem-de syrly dünýäsine ýol açar. Bu ýerde iň döwrebap enjamlar arkaly okuw sapaklary geçiriler, çagalar asmandaky ýyldyzlary synlarlar. Munuň özi olara öz bilimlerini artdyrmak bilen bir hatarda, ylmy açyşlaryň möhüm ähmiýetine göz ýetirmäge mümkinçilik berer.



Bir söz bilen aýdanyňda, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň rowaçlyklara beslenýän günlerinde «Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň hem-de Bazar Amanow adyndaky Döwlet çagalar kitaphanasynyň täze binasynyň düýbüniň tutulmagy bagtly çagalygyň, bilimleriň ýurdy hökmünde eziz Watanymyzyň dünýädäki abraýyny hasda belende galdyrdy.

NESIL

## SALAM, TOMUS!

### Ýurdumyzyň çagalar sagaldyş merkezlerinde tomusky dynç alyş möwsüminiň birinji tapgyryna badalga berildi

*2-nji iýunda Aşgabat şäher häkimliginiň «Mekan» köşgünde mekdep okuwçylaryny Köpetdagyň ajaýyp dag eteklerinde ýerleşýän Gökderedäki çagalar sagaldyş merkezlerine ugratmak dabarasy geçirildi. Ir säherden aýdym-sazlara beslenen dabara dynç alşa ugradyljak çagalar we olaryň hossarlary, köp sanly myhmanlar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.*



Hormatly Prezidentimiz: «Geljegimiz bolan ýaş nesillerimiz barada hemmetaraplaýyn alada döwlet syýasatymyzda ileri tutulýan wezipeleriň hataryndadyr. Mähriban çagalarymyzyň şadyýan gülküleri biziň iň uly bagtymyzdyr» diýip belleýär. Şoňa görä-de, döwrebap çagalar sagaldyş merkezlerinde ýatdan çykmajak pursatlara beslenjek tomusky dynç alyş möwsümine dabaraly badalga berilmegi möhüm ähmiýete eýedir.

Körpe nesilleriň ýerine ýetirmeginde ýaňlanan şirin owazlar, çagalar folklor we tans toparlarynyň çykyşlary ýatdan çykmajak täsirleri galdyrdy. Aýdym-sazly çykyşlardan soň, mekdep okuwçylary bezelen awtobuslaryň kerwenine tarap ugradylar. Olar tiz wagtdan bellenen ýere — dynç alyş merkezlerine bardylar. Bu ýerde çagalary mähirli garşyladylar, olara baýramçylyk süýjülikleri hödürlenildi, dynç alyş çäreleri guraldy.



Ýeri gelende bellesek, döwlet Baştutanymyzyň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň Bilim, Medeniýet, Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrlikleriniň, Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň, jemgyýetçilik guramalarynyň hünärmenleri çagalaryň tomusky dynç alşyny guramaga hemmetaraplaýyn taýýarlyk gördüler. Şunda çagalar üçin ýörite medeni-dynç alyş maksatnamasynyň taýýarlanylandygyny nygtamak gerek.

Dynç alyş merkezlerinde mekdep okuwçylary ýokary hünär derejeli mugallymlaryň ýolbaşçylygynda gyzyklanýan ugurlary boýunça gurnaklara gatnap, kompýuter programmalaryny, daşary ýurt dillerini öwrenip bilerler. Däp bolşy ýaly, ýokary okuw mekdepleriniň talyplary hem hünär ukybyny ele almak we tejribe toplamak, terbiýeçilere kömek bermek üçin Gökderä gelerler. Mundan başga-da, teatr, sirk, belli aýdym-saz toparlary ýaşajyk tomaşaçylar bilen duşuşmaga taýýarlyk görýärler. Şeýle-de çagalar üçin niýetlenen dynç alyş meýilnamalarynda paýtagtymyzyň, welaýatlaryň ajaýyp künjeklerine, taryhy-medeni ýadygärliklere, muzeýlere, seýilgählere gezelençleriň guralmagy göz öňünde tutulýar.

Umuman, merkezlerde geçjek her bir gün çagalar üçin ýatdan çykmajak pursatlara baý bolar. Özleri hakyndaky edilýän atalyk aladany duýup ýaşaýan körpe nesiller bolsa Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarlar.

NESIL

3-nji IÝUN — BÜTINDÜNÝÄ WELOSIPED GÜNI

# ÝEŇIŞLI ÝOLLARYŇ BAŞLANGYJY





*Welosiped — adamzat durmuşynyň iň uly açyşy. Ylmyň we tejribäniň subut edişi ýaly, welosipedde gezelenç etmegiň berýän ajaýyp lezzeti hiç kimi biparh goýmaýar. Şoňa görä-de, bu günki gün hemmeleriň — çagalardan başlap, ululara çenli dürli ýaşdaky adamlaryň welosiped sürmek bilen meşgullanmagy tebigy ýagdaýdyr. Welosipede erk etmek hiç haçan giç däldir. Şular bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynyň 82-nji plenar mejlisinde 3-nji iýuny «Bütindünýä welosiped güni» diýip yglan etmek hakynda Kararnamanyň kabul edilmegi adam saglygyny goramak babatdaky ýörelgeleriň dünýä bileleşiginde uly ykrarnama eýe bolýandygyna şaýatlyk edýär.*

### Sport diplomatiýasy rowaçlanýar

Türkmenistan döwletimiziň başlangyjy bilen Bütindünýä welosiped gününiň baýram edilmegi häzirki zaman dünýäsinde syýasy-ykdysady, saglygy goraýyş, sport, daşky gurşawy goramak babatda möhüm zerurlyga öwrüldi. Bu sene sagdynlygyň we ruhubelentligiň halkara baýramy hökmünde Ýer ýüzünde giňden bellenilýär.

Käbir maglumatlara ýüzlensek, 2018-nji ýylda bu halkara baýram mynasybetli Aşgabatda dünýä rekordy hökmünde hasaba alnan «Welosiped sporty boýunça iň köpçülikleýin tälim beriş sapagy» guraldy. 2019-njy ýylda paýtagtymyzyň Olimpiýa şäherçesinde 2019 adamyň gatnaşmagynda «Iň dowamly, bir nyzamly welosipedli ýöriş» geçirilip, Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi. Mundan başga-da, 2020-nji ýylda 12 kilometrlik welosipedli ýöriş geçirilip, Aşgabatda «Welosiped» binasy dabaraly ýagdaýda açyldy. Munuň özi parahatçylygyň beýik taglymatçysy Milli Liderimiziň esaslandyran bitewi, dowamly hem-de strategik döwlet syýasatynyň oňyn netijeleridir.

Ýurdumyzda welosiped sportuny ösdürmek, sport diplomatiýasyny ilerletmek babatdaky asylly ýörelgeler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe üstünlikli dowam etdirilýär. 2022-nji ýylyň 15-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi munuň aýdyň beýanydyr.

### Ekologik taýdan iň arassa ulag

Şu ýerde belli psiholog Elizabet Kýubler-Rossuň: «Ömür biziň göz öňüne getirişimizden has çalt geçýär. Şonuň üçinem welosipediňiz bar bolsa, sürmegi, ýakyn adamyňyz bar bolsa, söýmegi soňa goýmaň!» diýen sözlerini ýatlasak ýerlikli bolar. Çünki hereket etmegiň, sport bilen meşgullanmagyň serişdesi hökmünde welosipedi saýlap alan adam diňe bir öz saglygyny berkitmek bilen çäklenmän, eýsem, daşky gurşawy aýawly saklamaga hem goşandyny goşýar. Bu bolsa welosipediň ulagyň ekologik taýdan iň arassa görnüşidigi bilen baglydyr.

Ýeri gelende bellesek, üstünlikli amala aşyrylýan durmuş-ykdysady maksatnamalarymyz hem ekologik abadançylyk bilen ýakyndan baglanyşyklydyr. Bu möhüm şert bilen baglylykda, yzygiderli geçirilýän welosipedli ýörişler we beýleki sport çäreleri uly ähmiýete eýedir. Welosiped sportuny has-da işjeň ösdürmek maksady bilen, 2024-nji ýylyň 31-nji maýy — 3-nji iýuny aralygynda Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary — Tejen — Aşgabat bölegi boýunça uzak aralyga welosipedli ýörişiň guralmagy aýratyn bellärliklidir. Garaşsyz Watanymyzyň taryhynda ilkinji gezek guralan 335 kilometrlik bu köpçülikleýin welosipedli ýöriş sport jemgyýetçiliginde iň ýatda galyjy wakalaryň birine öwrüldi.

### Welosiped bizi dostlaşdyrýar!

«Welosiped» sözi latyn dilinden terjime edilende, «çalt aýak» diýmegi aňladýar. Welosiped bilen meşgullanmagyň peýdasy sanardan kän. Ylym-tehnika bilen birlikde, halkara gatnaşyklaryň ösen häzirki döwründe parahatçylygy berkitmekde, dostlugy we ylalaşygy aňlatmakda, ruhubelentligi döretmekde hem welosipede möhüm orun degişlidir. Bu bolsa gönüden-göni sport diplomatiýasynyň hem esasy maksatlarynyň biridir.

Welosipediň esasy aýratynlygy — hemme ýaşdaky adamlar üçin elýeterli, ony dolandyrmak ygtybarly we aňsat. Bilermenler onuň hatda häzirki zaman dünýäsi üçin örän ähmiýetli bolan internet we telefon ýaly oýlap tapyşlardan hem öňe geçendigini belleýärler. Ýeri gelende, welosipedli hereketiň hem özboluşly filosofiýasynyň bardygyna ünsi çekmek isleýäris. Ol öňegidişligi, täze menzillere ymtylyşy aňladýar. Welosiped sporty, welosipedli gezelençler bolsa maşgala ýa-da dostlar bolup dynç almak üçin ajaýyp mümkinçilikdir. Ol ýylyň islendik möwsüminde arassa howada wagtyňy hoş geçirmäge şert döredýär.

* * *

Ýadyňyzda bolsa, meşhur multfilmleriň birinde: «Men näme üçin özümi bagtsyz hasaplaýan, bilýäňmi?! Sebäbi meniň hiç haçan welosipedim bolmandy» diýen sözler bardy. Kiçikäk tigir äberýänçäler, ondan soňam şu sözleri köp gaýtalapdyk. Hatda häzirem şol multfilmi ýatlap ýylgyrýarys. Hakykatdanam, häzirki wagtda dünýä jemgyýetçiligi welosipedi adamzadyň oýlap tapan iň ajaýyp ulag serişdesi hökmünde ykrar edýär. Çünki ol adam bilen tebigatyň, ýaşaýyş-durmuş bilen daşky gurşawyň abadanlygynyň mizemez arabaglanyşygyny äşgär edýär.

**Atamyrat ÝAZWELIÝEW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby, «Nesil».**

**Her ýylyň 3-nji iýunynda ýurdumyzyň başlangyjy bilen halkara derejede Bütindünýä welosiped gününiň bellenilmegi özboluşly mazmuna eýedir. Çünki hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Bütindünýä welosiped güni dostlugyň, parahatçylygyň, sportuň hem-de ynsanperwerligiň belent ýörelgelerini dabaralandyrýan, jemgyýetimiziň agzybirligini, jebisligini alamatlandyrýan baýram hökmünde milli senenamamyzda aýratyn orun tutýar.**

# ÝAŞ ŞAHYRLARYŇ HALKARA ÜSTÜNLIGI

## Ýaş türkmenistanlylar TÜRKSOÝ-nyň ýaş şahyrlarynyň halkara bäsleşiginiň laureaty boldular

*Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 28 — 30-njy maý aralygynda Gyrgyz Respublikasynyň Oş şäherinde Türki dünýäsiniň döwletleriniň ýaş şahyrlarynyň birinji festiwaly geçirildi. TÜRKSOÝ tarapyndan geçirilen giň gerimli edebi döredijilik forumyna Azerbaýjandan, Wengriýadan, Gazagystandan, Gyrgyzystandan, Türkiýeden, Türkmenistandan we Özbegistandan halypa hem-de ýaş şahyrlar işjeň gatnaşdylar.*

Festiwalyň meýilnamasyna laýyklykda, onuň çäklerinde Oş şäherinde gyrgyz halkynyň görnükli ýazyjysy Žolon Mamytowyň ýadygärliginiň açylyş dabarasy geçirildi. TÜRKSOÝ tarapyndan ilkinji gezek guralan ýaş şahyrlaryň festiwalynda oňa gatnaşyjy ýurtlaryň şahyrlary ýörite tabşyrylan temalar boýunça öz şygyrlaryny okadylar. Erkin edebiýat agşamynda çeper okaýyşlary ýerine ýetirdiler, türki dünýäniň edebiýatynyň görnükli wekilleriniň eserlerini terjime etmek boýunça öz tejribelerini paýlaşdylar.

Ýeri gelende bellesek, festiwalyň çäklerinde geçirilen maslahatyň dowamynda görnükli türkmen akyldary, Gündogaryň meşhur şahyry Magtymguly Pyragynyň gyrgyz diline terjime edilen goşgular ýygyndysynyň terjimeçisi bilen duşuşyk hem geçirildi. Onuň dowamynda görnükli söz ussadymyzyň gyrgyz we türkmen dillerindäki şygyrlary okaldy. TÜRKSOÝ-nyň Baş sekretary Sultan Raýew hem öz çykyşynda baý mazmunly, köp öwüşginli türkmen edebiýaty, Magtymguly Pyragynyň şygyrlarynyň dünýä halklaryny dost-doganlyga, agzybirlige çagyrýandygy, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz



Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy netijesinde Türkmenistanda medeni diplomatiýanyň yzygiderli ilerleýändigi barada belläp geçdi.

Festiwalyň bäsleşikli tapgyrynyň netijesi boýunça, eminler toparynyň çözgüdine laýyklykda, 100-e golaý gatnaşyjynyň içinden «Türkmenistan» gazetiniň jogapkär kätibi Muhammet Bekgiýew hem-de «Nesil» gazetiniň bölüm redaktory Daňatar Galpakow Türki dünýäsiniň ýaş şahyrlarynyň arasynda geçirilen «Ýaşyl älem» atly bäsleşik-festiwalynyň laureaty bolup, TÜRKSOÝ-nyň Žolon Mamytow adyndaky halkara medaly bilen sylaglandylar. Ýeri gelende bellesek, festiwalyň çäklerinde Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň döredijilik işgärleri bölüminiň başlygynyň orunbasary Akmyrat Rejebow bolsa Gyrgyz Respublikasynyň Ýazyjylar birleşiginiň hormatly agzalygyna kabul edildi.

Ýaş türkmenistanlylaryň halkara festiwala gatnaşmagy we abraýly sylaga mynasyp bolmaklary Gahryman Arkadagymyz hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan ýaşlar hakynda edilýän aladanyň yzygiderli ýokarlanýandygynyň, döredijilik başlangyçlarynyň döwlet tarapyndan goldanylýandygynyň we türki dünýäde medeni hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda ýurdumyz tarapyndan giň gerimli işleriň alnyp barylýandygynyň nobatdaky güwäsine öwrüldi.

NESIL

# BAGTYÝAR NESILLER WATANYŇ GUWANJYDYR

**Şadyýan tomsuň ilkinji gününde — 1-nji iýunda ýurdumyzyň seýilgähleridir medeni-dynç alyş merkezleri köp adamly boldy. Çagalary goramagyň halkara güni mynasybetli aýdym-sazly medeni çäreler, bäsleşikler guralyp, olara ýokary guramaçylyk hem-de işjeňlik mahsus boldy. Şeýle dabaralaryň biri paýtagtymyzdaky «Aşgabat» medeni-dynç alyş merkezi seýilgähinde hem geçirildi. Bu ýerde guralan baýramçylyk dabarasyna ýurdumyzyň Hökümet agzalary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary öz çagalarydyr agtyklary bilen gatnaşdylar. Seýilgähde aýdym-sazyň owazy belentden ýaňlanyp, dürli tanslara uly orun berildi, çagalaryň bagtyýar durmuşyny wasp edýän suratlar çekildi, sirk oýunlary, ertekileriň gahrymanlarynyň çykyşlary görkezildi. Umuman, guralan dabaraly çäre many-mazmuna baýlygy bilen tapawutlanyp, ata-eneleri, dostlary bilen gezelenje çykan çagalarda ýakymly täsir galdyrdy.**



**Aşyrmyrat GURBANOW,**
**Türkmenistanyň halk artisti:**

— «Bal süýji, baldan-da bala» diýlişi ýaly, çagalar — biziň geljegimiz. Çaga bar ýerinde şatlyk-şowhun, oýun-gülki bar. Bagtyýar döwrümiziň körpejeleri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen abadan durmuşda, bagtyň gujagynda erkana ýaşaýarlar. Körpe nesillere ähli mümkinçilikleri döredip berýän Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Goý, bagtyýar çagalaryň gülki sesleri hemişe belentden ýaňlanyp dursun!



**Leýli AMANMYRADOWA,**
**Aşgabat şäherindäki 117-nji çagalar bakja-bagynyň körpesi:**

— Bu gün terbiýeçimiz hem-de deň-duşlarymyz bilen «Aşgabat» seýilgähine geldik. Bu ýerde biz deň-duşlarymyzyň çeken suratlaryny höwes bilen synladyk, erteki gahrymanlaryny gördük. Joralarymyz bilen seýilgähiň meýdançalarynda aýlanyp, heziller etdik. Bu pursatlar kalbymyza uly şatlyk paýlady. Munuň üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden sagbolsun aýdýarys.



**Omar JORAÝEW,**
**Aşgabat şäherindäki 82-nji çagalar bakja-bagynyň körpesi:**

— Çagalaryň dosty Aşyr dädäniň gürrüňlerini diňlemek aýratyn täsirli boldy. Men bu barada dostlaryma hem aýdyp berjek. Biz Aşyr däde bilen surata hem düşdük. Bagtyýar nesilleriň sowatly, döwrebap ylym-bilimli, edep-terbiýeli ýaşlar bolup ýetişmegi üçin taýsyz tagallalary edýän Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, belent başlary aman bolsun!



**Emine HUDAÝBERDIÝEWA,**
**Aşgabat şäherindäki 12-nji çagalar bakja-bagynyň körpesi:**

— Bu ýerde joralarymyz bolup, üýşüp buzgaýmak iýdik. Buzgaýmagy şunuň ýaly ýerlerde iýseň, hasam süýji bolýar. Şeýle ajaýyp döwürde ýaşamagymyz, bilim almagymyz üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

NESIL








ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI
BAŞ REDAKTOR ARTYKGULY HOJABERDIÝEW

NESIL
E-mail: nesil-gazeti@sanly.tm

TELEFONLAR: JOGAPKÄR KÄTIP – 39-96-49. KABULHANA – 38-61-57, 38-61-86 (FAKS), BÖLÜMLER: 39-95-26, 39-96-35, 39-96-36, 39-96-37.
BIZIŇ SALGYMYZ: 744604, Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100, TÜRKMENBAŞYNYŇ ERKIN DÖREDIJILIK MEKANY. «Nesil» gazetiniň redaksiýasy. Belgisi 69454.
GAZETIŇ DÖREDILEN SENESI: 02.01.1992 ý. Gazet sişenbe hem şenbe günleri çykýar. Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär.
Nusgasy 12.000. A – 116439. Möçberi 4 sahypa. Bahasy 30 teňňe. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy.
Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Olaryň telefony – 39-95-36.
Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.
4 833001 500059

